# Näme sebäpden adam öz arzuwyna dönüklik edýär?

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Näme sebäpden adam öz arzuwyna dönüklik edýär? NÄME SEBÄPDEN ADAM ÖZ ARZUWLARYNA DÖNÜKLIK EDÝÄR?



Näme sebäpden adam öz arzuwlaryna dönüklik edýär?
Geliň biraz pikir alşalyň.
Geljegini sportsuz göz öňüne getirmeýän, jany-teni bilen sporta berlen gyz. Irginsiz türgenleşikler, ýaryşlar bilen öz arzuwyna barýar. Eger bu gyz saglyk ýagdaýy sebäpli, arzuwyndan el çekmeli bolsa muňa arzuwyňa dönüklik diýip bolarmy? Diýip bolmaz, sebäbi bu onuň özüne bagly bolmadyk ýagdaý. Emma öz niýet eden netijelerini gazanmak kyn

düşýänligi sebäpli höwesi gaçyp ugrasa, türgenleşigi gowşadyp, kem-kemden bes etse, şeýlelikde heniz başlanmadyk ýokary galmak derejesini (карьерасыны) tamamlasa, ine bu dönüklik. Näme sebäpden adam öz arzuwyna dönüklik edýär? Ýaltalykmy? Özüňe ynamsyzlykmy? Hemme zady birbada hem çalt isleýändigimiz sebäpli sabyrsyzlykmy?
Ýene bir ýagdaý gyz ähli gujur-gaýratyny gaýgyrman, öz arzuwyna barýar. Emma ene-atasy özüçe öz çagasyna gowusyny edip,ony okuwa ugradýarlar. Gyzyň muňa ýol bermegi näme? Eneň-ataňy hormatlamakmy? Öz gowşaklygymy? Arzuwyňa dönüklik etmekmi?
Adam öz arzuwyny pula,baýlygada çalşyp biler. Beýle ýagdaýlar durmuşda kän gabat gelýär. Adam öz söýgüsiniň, päk duýgularynyň hatyrasyna el çekip biler. Bu dogrumy? Ýa arzuwyňa dönüklik etmekmi? Belki seni söýýän adam, saňa arzuwyňa ýetmek üçin goldaw bermegi has dogrudyr?
Bu soraglara jogap bermek näme üçin gerek? Belki, her birimiziň ýetilmedik arzuwlarymyzyň ýüregimiziň töründe düşündirişe garaşyp ýatanlygy üçindir?… Jemgyýetçilik tankydy